# Ynsap bilen et…

Category: Halk döredijiligi we rowaýatlar,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Ynsap bilen et… TÜRKMEN RUHY

▶ YNSAP

Ruhumyza siňen rowaýatlar: «Her iş et, ynsap bilen et…»
ýa-da bu jümläniň gelip çykyşynyň rowaýaty…

Ir döwürlerde bir adam bolupdyr, ol bütin ömrüni lütjekçilik (talañcylyk) bilen geçiripdir. Ýaňky adam garrap aradan çykypdyr. Yzynda bir ogly galypdyr. Wagt geçip, lütjegiň ogly jahyl çykypdyr. Onsoň ol «Näme iş bilen meşgullansamkam» diýip, parasatly bir ýaşulynyň ýanyna barypdyr hem-de öz kakasynyň lütjekçilik bilen ömrüni ötürendigini aýdypdyr.
Ýaşuly bu ýigide:
– «Ata kesbi ogla halal» diýen gürrüň bar, senem lütjekçilik ediber. Ýöne her iş et, ynsap bilen et diýen gürrüňi ýatdan çykarma – diýen. Şundan soň ýaňky ýigit, özi ýaly ýigitlerden jemi kyrk ýigit bolup, lütjekçilik etmäge başlapdyr. Bir gün olar gumuň içinde agyr kerweni kyrk sany adamyň alyp gelýändigini görüpdirler. Kerwen düşlän wagty lütjekçiler hem olaryň ýanyna baryp, kerwendäkileriň adama birini meýdana alyp çykyp, öldürmeli hem-de zatlaryny talamaly diýen karara gelýärler. Şeýle hem edýärler. Lütjegiň ogly hem kerwendäkileriň birini meýdana alyp çykan hem-de öz ýanyndan pikir eden: «Men munuň alyp gelýän baýlygyny-ha bir alýan, üstesine özüni hem öldürsem – bu ynsapsyzlyk bolar» diýýär-de, kerwen eýesiniň injigini gylyjynyň ujy bilen çyzýar-da, ony öldürmejegini aýdýar. Şonda kerwen eýesi:
– Eýle bolsa biraz garaşaly, kerweniň düşlän ýerinde näme bolýandygyny göreli – diýen.
Kerwen eýeleri ýolda-yzda birden talaňçylar duşup, zatlarymyzy alsalar, olar hem heläk bolsun – diýip, bir torba külçä awy garyp, ýanlary bilen göteren ekenler. Otuz dokuz lütjegiň

hersi kerweniñ bir adamyny öldürip, goşa gelup: «Geliñ indi arkaýyn naharlanalyñ» diýip, ýañky awy gatylan külçelerden iýip, olaryñ otuz dokuzam heläk bolupdyr.
Kerweniñ ähli baýlygy hem ýañky ikisine galypdyr.
«Her iş et, ynsap bilen et» diýen gürrüñ hem şondan galypdyr diýýärler.
Köne türkmen añynda hatda erbet iş hem ynsaply we ynsapsyz edilip bilner diýip düşünje bolupdyr. Halk döredijiligi we rowaýatlar